# AIW we AIDS barada sen näme bilmeli?

Category: Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 23 января, 2025
AIW we AIDS barada sen näme bilmeli?

AIW WE AIDS BARADA SEN NÄME BILMELI?

*Häzirki wagtda, ýeriň ýüzünde 47 milliondan hem köp adam AIW bilen kesellän, olardan 25 milliony – işe ukyply ýaşdaky adamlardyr. AIW bilen kesellän adamlaryň köpüsi hat-da özleriniň infeksiýalydygy barada sübhe hem etmeýärler.*

**■ Köp adamlar AIW we AIDS şol bir zatdyr diýip pikir edýärler – emma bu beýle däl**

AIW – bu Adamyň immun-defisit wirusynyň gysgaldylan ady.
AIDS – Adamyň immun-defisit sindromynyň gysgaldylan ady.
AIW seniň bedeniň dürli keseller bilen göreşmäge kömek edýän gorag güýçlerini (immun ulgamyny) ýuwaş-ýuwaşdan weýran edýär.
AIDS bolsa AIW-yň iň ahyrky tapgyrynda döreýän sindrom – bu ýagdaýda adamyň gorag güýçleri bütinleý diýen ýaly weýran edilýär, we ol adam immunitediň ýetmezçiliginden islendik infeksiýadan ölmegi mümkin.

**■ AIW täze wiruslary öndürýän fabrige dönderýär**

AIW Immun ulgamyň öýjügine düşüp ony şeýle bir üýtgedýär, hamala ol täze wiruslary öndürýän fabrige dönderýär.
Netijede, AIW köpelýär we öýjük ölýär.
Immunitediň ýetmezçiligi güýçlenýär – ýagny, bedende içki we daşky kesel dörediji faktorlardan gorag güýjüniň ýetmezçiligi ýüze çykýar.

**■ AIW-ň adamdan adama geçiş ýollary**
**AIW-yň geçmeýän ýollary**

*AIW-iñ adamdan adama geçiş ýollary*

AIW geçip biler:
– *Ganyň üsti bilen* – sterilizasiýa edilmedik sanjymiňňe, pirsing we tatuirowka, gulak deşmek üçin abzallar we iňňeler ulanylanda, hat-da bir gezek ulanylýan hem bolsa.
– *Goralmadyk jyns gatnaşygy arkaly.* Infisirlenen adam bilen, prezerwatiwsiz bir gezek gatnaşyk edilende hem HOWP bar.
– Eneden çaga, göwrelilik, dogum, ýa-da ene süýdi bilen emdirilýän döwürlerinde.

## ■ Näme üçin?

Sebäbi wirus diňe adamyň bedeniniň suwuklyklarynda ýaşaýar we immun ulgamynyň kletkasynyň içinde köpelýär.
Gan, limfa, döl, göwüs süýdi, gyzlaryň jyns agzalaryndan çykýan suwuklyk – bu biologiki suwuklyklar we öz düzüminde ýokuşmak üçin ýeterlikli möçberde AIW saklaýarlar.

## ■ AIW-yñ geçmeýän ýollary

– AIW-y bolan adamyň taýýarlan naharynyň üsti bilen;
– Hojalykda gündeki gatnaşyk arkaly (umumy hajathana, duş, gap-gaç we şm., ulanylanda);
– Hammamda, suw howdanynda, saunada, ulagda;
– Elleşip salamlaşylanda, gürrüňdeşlikde, gujaklaşylanda, dostlukly öpüşmede;
– Gözýaş, der, tüýkülik arkaly, üsgülewükde we asgyrmada;
– Mör-möjekler çakany üçin, haýwanlar we guşlar bilen aragatnaşykda;

## ■ Näme üçin?

Sebäbi, AIW gün şöhlesiniň, ýokary temperaturanyň, dezinfisirleýji serişdeleriň täsiri astynda daşky gurşawda çalt ölýärler. Siýdik, der, tüýkülik – öz düzüminde wirusyň örän az mukdaryny saklaýar ýa-da bütinleý saklamaýar, şol sebäpli howpsuz hasaplanýar.

## ■ **Seniň pikiriňçe bularyň haýsysy AIW bilen infisirlenen?**

Daşky sypatlar boýunça ony anyklamak mümkin däl. Wirus adamyň bedeninde köp wagtlap saklanyp we ýüze çykman biler. Bedende wirusyň barlygyny ýa-da ýoklugyny diňe ganyň analizi – AIW test görkezip biler.

## ■ **AIW testi nirede tabşyryp bolar?**

*Türkmenistanda, AIW barlagyny AIDS merkezlerinde tabşyryp bilersiň:*

Aşgabat ş. Çoganly, 2255 (O. Annaýew köçesi), j. 79
Tel: 23-91-12.
Ruhabat etraby, Parahat mikroraýony, Ýeňiş köçesi, j. 10
Tel: 35-31-06/07.
Mary ş. Atamyrat Niýazow şaýoly, j.40
Tel: 4-23-31.
Türkmenabat ş. Gurbansoltan eje köçesi, j. 46,
Tel: 3-63-29.
Balkanabat ş. 133-nji kwartal, j. 41
Tel: 6-03-73.
Türkmenbaşy ş. Aşgabat köçesi, j. 20
Tel: 7-60-03.
Daşoguz ş. 10 ýyl Garaşsyzlyk köçesi, j. 3
Tel: 5-47-21.

https://yashlyk.info/ru/articles/aids/

Medisina